

# HALKARA HUSUSY HUKUGY

Aşgabat-2012 ý.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY

Kafedra: YKDYSADYÝET WE HUKUK

# Halkara hususy hukugy

Düzen:t.y.k., dosent Orazow Ö.G.
uly mugallym.,Durdyýew B.K.

Aşgabat - 2012

## Giriş.

Berkarar döwletiň bahtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz Türkmenistanyň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmak we kämilleşdirmek barada uly işleri durmuşa geçirýär. Netijede, birnäçe kodeksleriň täze redaksiýalary we jemgyýetiň dürli ugurlary boýunça köpsanly kanunlar we beýleki hukuknamalar kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Türkmenistan durmuşa geçirýän işleri bilen parahatçylygyň, hoşniýetliligiň we adalatlylygyň, ýer ýüziniň ähli ýurtlary we halklary bilen dostlugyň we hyzmatdaşlygyň maksatlaryna wepalydygyny, halkara hukugynyň baş ýörelgelerine we kadalaryna pugta eýermäge çalyşýandygy subut edýär.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda ykdysadyýet we hojalyk hukugy hünäri boýunça talyplara "Halkara hususy hukugy" okuw dersiniň okadylmagynyň esasy sebäbi biziň jemgyýetimizde bolup geçýän özgerişler bilen baglydyr. Aýratynda Bazar ykdysadyýeti şertlerinde daşary ykdysady gatnaşyklarda

amala aşyrylýan reformalar bilen, türkmen raýatlarynyň, Türkmenistanyň edara-kärhanalarynyň, daşary ýurtly raýatlary we firmalary bilen jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagy bilen baglanşyklydyr

Kafedranyň mugallymlary tarapyndan taýýarlanan "Halkara hususy hukugy" okuw gollanmasynyň maksady talyplara düşnikli dilde Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatyny düşündirmekden we halkara hususy hukugynda ýüze çykýan meseleleri çözmäni öwretmekden ybaratdyr.

## Halkara hususy hukugynyň umumy gelip çykyşy

Halkara hususy hukugynyň (HHH) predmeti we ulgamy baradaky sowal häzirki zaman hukuk taglymatynda iň çylşyrymly we bulaşyk meseleleriň biridir. Bu mesele barada ýerli we daşary ýurtly barlagçylar tarapyndan öňe sürlen garaýyşlar sany we mazmuny köpdürlüligi hem-de gapma-garşylyklydygy bilen ünsüňi çekýär. Emma her niçigem bolsa, alymlaryň agramly bölegi halkara şahsy hukuk meselesiniň predmetini düzýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny häsiýetlendirýän iki sany esasy alamatyň bardygy babatda pikirdeş gelýärler. Şol sanda bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ilkinji nobatda şahsy häsiýetde, ikinjiden, halkara derejesinde bolmalydygy bellenilýär.

Halkara hususy hukugy (HHH) özbaşdak hukuk ylmy hökmünde mundan uzak bolmadyk geçmişde - XIX asyryň ortalarynda ýüze çykdy. Bu ylmyň esasyny goýujylaryň biri Jozef Stori hasaplanýar, ol 1884-nji ýylda „Kanunlaryň kolliziýasyna düşündirişler“ atly kitabyny neşir etdirdi. Ol kitapda HHH-yň meselelerini toplumlaýyn seljermäge

synanyşyk edilipdi we ilkinji gezek „halkara hususy hukuk" (private international law) adalgasy agzalypdy.

**Halkara hususy hukugy** Kesgitli çäkde (territoriýada) hereket edýän hukuk kadalarynyň jemi bolan hukuk hökmünde gatnaşyklaryň iki sany esasy toparyny öz içine alyp biler:

^ Şahslaryň, milli-döwlet, administratiw düzümleriň we döwletiň (jemgyýetiň) ýa-da döwlet edaralarynyň arasyndaky jemgyýetçilik hukugy (döwlet, jenaýat, administratiw, maliýe we ş.m.) tarapyndan sazlaşdyrylýar. Şeýle gatnaşyklar iň azyndan taraplaryň birinde ygtyýarlylyklaryň bolmagyny we olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň „wertikal häsiýetli" bolmagyny göz öňünde tutýar.

^ Şahsy we ýuridik taraplaryň arasyndaky gatnaşyklar şahsy hukuk tarapyndan (raýat, maşgala, zähmet we ş.m.) sazlaşdyrylýar. Şeýle ýagdaýda hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bir-birege gatnaşyklar babatda ygtyýarlylyklara eýe bolmaýarlar we öz aralarynda „gorizontal esasda" hereket edýärler.

Döwletleriň arasyndaky we dürli döwletiň garamagyndaky şahslaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ösüşi dürli ýurtlaryň milli-hukuk subýektleriniň özara gatnaşyklarynyň zerurlygyny şertlendirýär. Şeýle özara gatnaşyklylyk turuwbaşdan halkara gatnaşyklarynyň çäklerinde bolup geçýär we esasan halkara hukugy tarapyndan sazlaşdyrylýar. Şeýle halatda sazlaşdyrmagyň iki sany usuly mümkin bolup biler:

^ Döwletara häsiýetli halkara gatnaşyklary esasan halkara jemgyýetçilik hukuky tarapyndan reglamentirlenilýär. Bu ýerde esasy orny döwletleriň arasyndaky syýasy gatnaşyklaryň meseleleri we olardan gelip çykýan subýektleriň meseleleri- parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi, kesekiniň işine goşulyşmazlyk we ýaragsyzlanma, ykdysady, medeni, sosial ulgamlarda, adam hukuklary ulgamynda we ş.m.-lerde döwletara hyzmatdaşlygy eýeleýär. Gatnaşyklaryň bu toparynyň esasy aýratynlygy, olaryň esasy subýektine (döwlete) degişli bolan garaşsyzlyk, özygtyýarlylyk häsiýetliligidir. Hut özygtyýarlylyk häkimiýet ygtyýarlylyklary häsiýetli gatnaşyklar hökmünde döwletara gatnaşyklarynyň ähli ulgamynyň aýratynlygyny kesgitleýär;

^ Halkara gatnaşyklary şeýle hem şahsy taraplaryň (şahslaryň we ýuridik) arasynda, şeýle hem syýasy däl ulgamda şahsy taraplaryň we daşary döwletiň arasynda ýüze çykyp biler. Bu, mysal üçin, daşary ýurtlularyň arasynda daşary ykdysady geleşikleriň we nikalaryň baglaşylan halatlarynda; awtoryň öz eserini daşary ýurtda neşir etdiren halatynda; daşary ýurt döwletinde halkara ýük gatnawyny amala aşyrmak we maýa goýum işi bilen meşgullanylan halatynda; daşary döwletde miras almak we ş.m meselelerde ýüze çykyp biler. Köp halatda bu gatnaşyklary emläge degişli we onuň bilen bir hatarda emläge degişli bolmadyk (awtorlyk, patent, maşgala hukugy we ş.m.) birnäçe halkara häsiýetli gatnaşyklar bilen deň hasap etmek bolar.

Şeýle gatnaşyklaryň häsiýetli aýratynlygy, olaryň subýektleriniň birek-birege ygtyýarlylyklarynyň ýokdugydyr we netijede gatnaşyjylaryň iş ýüzünde deň hukukly esasda hyzmatdaşlyk etmek hukugyna eýediklerini aňladýar.

Şeýle gatnaşyklar esasan döwlet ara däl (döwlet asla hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmaýar ýa-da olaryň diňe

subýektleriniň biri bolup durýar) häkimiýete degişli bolmadyk häsiýete eýedirler we hukuk kadalarynyň jemi bolan halkara şahsy hukugy tarapyndan sazlaşdyrylýar. Hut olar HHH-yň hukuk sazlaşdyrylyşynyň predmetini düzýärler.

Häkimiýet ygtyýarlylyklary bolmadyk halkara döwletara däl gatnaşyklar däp bolşy ýaly, iş ýüzünde şeýle ýagdaýlarda ýüze çykýarlar:

^ Haçan-da gatnaşyklaryň subýektleriniň biri daşary ýurtly bolan ýa-da daşary döwletiň çäginde ýerleşýän halatynda (dürli ýurtlaryň raýatlarynyň ýa-da ýuridik taraplarynyň arasynda baglaşylýan daşary ykdysady geleşikler);

^Haçan-da gatnaşyklaryň obýekti (emläk, emläge degişli bolmadyk hukuklar) daşary ýurduň çäginde ýerleşen halatynda;

^ Hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy, üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy bilen bagly bolan ýuridiki fakt daşary ýurtda bolup geçen halatynda.

Anyk hukuk gatnaşyklarynda şeýle görnüşler islendik utgaşmada, şol sanda ýokarda beýän edilen mazmunlar

ýeke-täk iş ýüzünde ýüze çykan halatynda hem bolup bilerler. Emma her niçigem bolsa, hukuk gatnaşyklarynyň düzüminde ýokarda görkezilen elementleriň iň azyndan biriniň duş gelmegi onuň halkara häsiýete eýe bolmagy üçin ýeterlikdir.

HHH-yň predmetine girýän gatnaşyklary mazmuny boýunça şu aşakdaky esasy toparlara bölmek mümkin:

1. Ýokarda görkezilen ölçeglere gabat gelýän ykdysady, hojalyk, ylmy-tehniki we medeni gatnaşyklar. Şeýle ýagdaýda HHH-yň borjy dürli ýurtlaryň guramalarynyň we firmalarynyň iş gatnaşyklaryny sazlamak bolup durýar.

2. Daşary ýurtlularyň emläk we hususy emläk, maşgala we beýleki şahsy hukuk häsiýetli hukuklaryna galtaşýan gatnaşyklar. Bu ýerde HŞH-yň wezipesi daşary ýurtlularyň beýleki döwletleriň çägindäki ýagdaýyny sazlaşdyrmakda we şeýle derejeli hukuklaryň bökdençsiz durmuşa geçirilmegi üçin kepillikleri döretmekde jemlenýär.

Halkara şahsy hukugynyň ulgamy baradaky mesele iki bölekden ybaratdyr.

Birinjiden, ol öz jemi boýunça HHH-y emele getirýän kadalar toplumynyň mazmun häsiýetnamasynyň zerurdygyny göz öňünde tutýar, ikinjiden bolsa, HHH-yň okuw dersi we hukuk ylmynyň pudagy hökmündäki çarçuwalarynyň kesgitlenmegini talap edýär. HHH-yň tebigaty we häsiýetli alamatlary halkara häsiýetli şahsyhukuk hukuk gatnaşyklarynyň sazlaşdyrylyş usullaryna gönüden-göni baglydyr. Şonuň üçin HHH-yň çarçuwalarynda kadalaryň iki sany esasy görnüşi öňe sürülýär: kollizion we maddy-hukuk.

**Kollizion kadalar** HHH-yň taryhy esasyny düzýärler. Olar ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hökmany sazlaşdyrylmagy üçin däl-de, eýsem şol döwletiň anyk ýagdaýda ulanarlykly hukuklarynyň kesgitlenmegi üçin niýetlenýär.

Öz tebigaty boýunça kollizion kadalar ugradylýan häsiýetli özüňi alyp barmagyň düzgünleridir. Her bir döwletiň ulanýan kollizion kadalarynyň jemi ol döwletiň kollizion hukugyny düzýär.

Kollizion kadalardan tapawutlylykda, maddy-hukuk kadalary gönüden-göni HŞH tarapyndan sazlaşdyrylýan

gatnaşyklaryň taraplary (agzalary) üçin hukuklary we borçlary kesgitleýär. Maddy-hukuk kadalaryň atlandyrylyşy ýeterlik derejede şertlidir, sebäbi şeýle kadalaryň düzümine diňe bir maddy däl, eýsem prosessual häsiýetli özüňi alyp baryş kadalary hem girýärler. Maddy kadalar adatça göni häsiýetli diýlip atlandyrylýar, sebäbi ol kadalar kähalatda kollizion stadiýany (döwri) geçmek arkaly halkara döwletara däl häkimiýete degişli bolmadyk gatnaşyklary sazlaşdyrýarlar. Şeýle özüňi alyp baryş kadalary aýratyn ýurtlaryň içki hukugynda hem, HHH-yň halkara-hukuk çeşmeleriniň düzüminde hem duş gelip biler.

HHH-yň okuw dersini (kursuny) iki sany esasy bölege bölüp bolar: umumy we esasy.

Umumy bölüm halkara şahsy hukugy üçin möhüm ähmiýete eýe bolan we onuň mahsus (spesifik) aýratynlyklaryny açyp görkezýän meseleleri gozgaýar. Bu ýerde HHH-yň predmeti, usuly, çeşmeleri, ony düzýän kadalaryň häsiýetnamasy, şeýle hem olar iş ýüzüne geçirilende ýüze çykýan esasy meseleler öwrenilýär. Muňa şeýle hem HHH-yň subýektleriniň (fiziki, ýuridik tarap,

döwlet) hukuk ýagdaýy düşünjesini we mazmunyny, olaryň hukuk kämilligini we işe ukyplylygyny degişli edýärler.

HHH-yň okuw dersiniň (kursunyň) esasy bölegine adatça: emläk hukugy, hökmany hukuk, **delikt borçlar** awtorlyk we patent hukugy, maşgala, mirasdüşerlik, zähmet hukugy, halkara ýük gatnawlary, hasaplaşyklary, halkara raýat prosesi, kommersiýa arbitražy we ş.m.-ler girýärler.

## HALKARA HUSUSY HUKUGYNDA SAZLAŞDYRMAGYŇ KOLLIZION WE MADDY-HUKUK ESASLARY

Halkara hususy hukugynyň **ýarym ulgamlaýyn toplum** hökmündäki aýratynlygy diňe bir onuň öwrenýän predmetiniň we çeşmeleriniň häsiýetli alamatlary boýunça kesgitlenilmeýär. Oňa şeýle hem HHH-da ulanylýan hukuk sazlaşdyrylyş usuly hem mahsusdyr. Onuň esasy wezipesi - şahsy hukuk häsiýetli halkara gatnaşyklary amala aşyrylan halatynda ýüze çykýan kanunlaryň „kolliziýasyny“ (latyn dilindäki collisio-çaknyşmak sözünden) aradan aýyrmak bolup durýar, şeýle ýagdaý ýüze çykanda bolsa, dürli hukuk ulgamlaryndan bolan iki ýa-da ondan köp normatiw aktlar

birbada ol ýa-da şol bir fakt düzümini sazlaşdyrmaga dalaş edýärler.

Şeýle seýrek ýagdaý haçan-da jemgyýetçilik gatnaşyklary anyk bir döwlete degişli bolan we anyk bir döwletiň çägindäki subýektleriň arasynda ýüze çykan halatynda duş gelýär. Emma eger bu mesele şeýle gatnaşyga halkara häsiýetini berýän bir ýa-da birnäçe alamata eýe bolsa, onda şeýle fakt düzümini hamala birwagtda her birini ulanmak artykmaçlygyna eýe bolan birnäçe hukuk ulgamlaryna degişli etmek mümkin bolsa, onda hukuk ulanyjynyň wezipesi çylşyrymlaşýar, sebäbi subýektleriň özara gatnaşygyny sazlaşdyrmak boýunça dalaş edýän ulgamlaryň haýsy hem bolsa birini saýlap almaly bolýar.

Hukugyň unifisirlemesinde uly sepgitleriň gazanylandygyna garamazdan, şahsy hukuk gatnaşyklaryny sazlamakdaky (hatda ol ýa-da beýleki hukuk toparyna degişli bolan hukuk ulgamlarynyň çäginde hem, aýratyn-da dürli ýurtlarda hereket edýän ol ýa-da beýleki kanuny teswirlemede hem) ýeterlik derejedäki tapawutlar öňküligine galýar.

**Sazlamagyň kollizion usuly.** Halkara hususy hukugy iş ýüzünde özüniň ýüze çykmagy we ösüşi üçin bu usula baglydyr. Sazlamagyň bu çeşmesini ulanmak meselesi bu ýagdaýda ýörite kollizion kadalary ulanmagyň hasabyna amala aşyrylýar, olaryň esasynda bolsa ulanylýan maddy hukuk kesgitlenýär.

Sazlamagyň kollizion usulyny kähalatda ugradýan usul diýip atlandyrýarlar, sebäbi, käbir barlagçylaryň pikiriçe, kollizion kada diňe bir degişli gatnaşyklary ygtyýarly hukuk düzgünine „geçirmek " bilen çäklenýär, ol meseläni çözmeýär. Emma bu pikir bilen ylalaşyp bolmasa gerek.

Göräýmäge, ýönekeý ýaly bolup görünýändigine garamazdan, kollizion usulyň ulanylmagy onuň hereketiniň täsirliligini görnetin peseldýän obýektiw kynçylyklaryň we kemçilikleriň birgideni bilen baglanyşyklydyr.

Birinjiden, bu usul dürli ýurtlaryň kazyýetlerinde kontragentleriň (şertnama boýunça öz üstüne belli bir borç alýan adam ýa-da edara) arasynda ýüze çykan, mazmuny boýunça birmeňzeş bolan hukuk jedellerini ýa-da beýleki gapma-garşylyklary çözmekde birmeňzeşligi gazanmaga mümkinçilik bermeýär, sebäbi milli hukuk ulgamlarynyň

kadalary şol bir gatnaşyklary sazlaşdyrmak meselesine dürlüçe çemeleşip biler. Bu ýerde biz halkara hususy hukugynyň taglymatynda „agsaýan gatnaşyklar“ diýip at alan adatdan daşary ýagdaý (fenomen) bilen iş salyşýarys.

Ikinjiden, kollizion kadalaryň dürli döwletleriň kanunçylygynda bardygy üçin bu kadalaryň öz aralarynda hem kolliziýa (garşyma-garşy güýçleriň ýa-da bähbitleriň çaknyşmagy) ýüze çykýar. Şunuň üçin kollizion kada ugradylýan daşary ýurt hukugy öz nobatynda birinji döwletiň ýa-da haýsydyr bir üçünji ýurduň normatiw buýruklaryny ( hökümlerini) ulanmak zerurlygyny nazarda tutup biler. Başgaça aýdylanda, bu ýagdaýda milli hukuk ulgamlarynyň hiç biri hem jedelli hukuk gatnaşyklaryny sazlamakda özüni ygtyýarly diýip ykrar edip bilmez.

Soňky döwürde halkara jemgyýetçiligi dürli ýurtlaryň kollizion kadalarynyň arasyndaky gapma-garşylyklary aradan aýyrmak üçin uly tagalla edýär. Bu maksat bilen dürli döwletleriň arasynda baglaşylan halkara şertnamalary ulanylýar. Olaryň agzalary bu ylalaşyklarda kesgitlenen HHK-yň sazlaşdyrmak boýunça predmetine girýän gatnaşyklaryň kesgitli toparyna birmeňzeş kollizion

kadalary ulanmak boýunça borçlary özlerine kabul edýärler. Emma bu gün bu ulgamda gazanylan öňegidişlikleri düýpli hasaplap bolmaz.

Üçünjiden, sazlaşdyrmagyň kollizion usuly, halkara gatnaşyklaryny sazlaşdyrmakda ulanylýandygyna garamazdan, aslyýetinde milli häsiýetlidir. Kollizion usulyň ahyrky netijede ulanylmagyna eltýän maddy kanun, aglaba ýagdaýda anyk bir döwletiň aslynda HHH görnüşli gatnaşyklary sazlaşdyrmaga niýetlenmedik öz içki kanuny bolmagynda galar.

Dördünjiden, kollizion kadalara laýyklykda halkara daşary ýurt hukugyny ulanmak degişli bolan ýagdaýlarda onuň mazmunyny, teswirlenişini we durmuşa geçirmegiň ýörelgelerini aýdyňlaşdyrmakda çynlakaý kynçylyk ýüze çykýar. Bu ugurda ýokary hilli iş alyp barmak meselesi dürli ýurtlaryň milli hukuk goraýjy edaralary üçin, olaryň daşary ýurt hukugy bilen öz milli hukugyndan habarly boluşlary ýaly derejede tanyş däldikleri sebäpli, çylşyrymly bolup durýar.

**Sazlaşdyrmagyň maddy-hukuk usuly**

Bu usulyň çäklerinde ulanylýan hukugy saýlap almak meselesiniň çözgüdi HHH-yň kollizion gurallarynyň (gurluşlarynyň, mehanizmleriň) kömegi bolmazdan, ýagny gatnaşyklaryň subýektleriniň özüni alyp barşyny sazlaşdyrýan unifisirlenen maddy kadalaryň ulanylmagynyň hasabyna üpjün edilýär.

Maddy-hukuk usuly halkara jemgyýetçiliginiň agzalarynyň aýratyn alnan ýurtlaryň halkara döwletara däl häkimiýete degişli bolmadyk gatnaşyklary gönüden-göni sazlamak üçin niýetlenen birmeňzeş normatiw görkezmeleri bolan milli kanunçylyklarynyň gapma-garşylyklylygyny aradan aýyrmaga ymtylmagy netijesinde ýüze çykdy. Ilkibaşda bu usul diňe milli hukugyň asgynjaňlyk çekýän halkara söwda gatnaşyklaryny sazlamak ulgamynda ulanyldy, soň bolsa halkara raýat prosesini hem goşmak bilen, halkara şahsy hukugynyň beýleki institutlaryna ýaýrady.

Häzirki döwürde HHH-yň ulgamynda gatnaşyklary maddy-hukuk esasda sazlaşdyrmaklygyň unifisirlenmegini

gazanmakda esasy usul halkara şertnamalaryny baglaşmak bolup durýar.

Düzgün bolşy ýaly, olaryň hemmesi halkara guramalarynyň we konferensiýalarynyň köpýyllyk dartgynly zähmetiniň netijesi bolup durýar we aýry döwletleriň bu meselelerdäki bähbitleriniň deňagramlylygyny şöhlelendirýär. Bu gün halkara şahsy hukugynyň kadalarynyň unifisirlenmegi halkara hyzmatdaşlygynyň giň we birmeňzeş tejribesi esasynda işlenip düzülýän halkara hukuk ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagynyň hasabyna hem mümkin bolup biler. Ahyrky netijede, HHH görnüşli gatnaşyklary sazlaşdyrmaga täsir edýän hukuga degişli däl kömekçi unifisirlenen kadalar hökmünde hökümetara we hökümete degişli bolmadyk halkara guramalaryň we assosiasiýalaryň tekliplerini (mysal üçin, BMG-niň halkara söwdasy hukugy boýunça Komissiýasynyň 1976-njy ýylda çykaran Arbitraž reglamentini ; Halkara söwda palatasynyň Parižde çap eden resminamalaryny ýa-da dürli halkara söwda assosiasiýalary tarapyndan işlenip çykarylýan taýýar önümleri daşamak boýunça umumy şertnamalary), şeýle hem halkara kadalaryny hasaplamak bolar.

**Halkara hususy hukugynyň çeşmeleriniň görnüşleri we gatnaşygy**

Häzirki döwürde hukugyň umumy teoriýasynda hukugyň ýuridik-tehniki manydaky çeşmeleri diýlende, däp bolşy ýaly, hukuk kadalarynyň daşky añlatmasynyň görnüşleriniň we serişdeleriniň jemine düşünilýär. Başgaça aýdylanda, halkara döwletara däl hökümete degişli bolmadyk gatnaşyklary sazlaşdyryjy kadalary özünde jemleýän milli kanunlary, kanun esasyndaky normatiw hukuk resminamalaryny, halkara şertnamalaryny we ýazylmadyk hukuk aktlaryny añladýar.

Eger-de bu günki günde HHH-yň çeşmeleriniň görnüşleri barada halkara hususy hukugy boýunça edebiýatlarda orta atylýan we aýdylyp gelinýän ähli pikirleri umumylaşdyrsak, onda olaryň sanawyna şu aşakdakylary goşsa bolar:

*Döwletleriň içki kanunçylygy;*

*Halkara şertnamalary;*

*Kazyýet presedentleri;*

*Halkara we döwletleriň içki hukuk ýörelgeleri we iş dolandyryş ýörelgeleri;*

*Hukuk taglymaty;*

*Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň agzalary nyň özleri tarapyndan döredilýän hukuk.*

Emma biziň garaýşymyzça, ýokarda sanalyp geçilen kategoriýalaryň hemmesini halkara şahsy hukugyň çeşmeleriniň hataryna degişli edip bolmaz. Şonuň üçin, olaryň mazmunynyň häsiýetnamasyna jikme-jik baha berip durmazdan öňünçä, halkara ulgamynda hökümete degişli bolmadyk gatnaşyklary hukuk serişdeleri arkaly gönüden-göni sazlaşdyrmakda ýokarda görkezilen düzümleriň mümkinçiliklerini we düýp esaslaryny derňemäge çalşalyň.

Halkara hususy hukugynyň mazmunynyň milli hukuk ulgamlarynyň we jemgyýetçilik hukugy boýunça halkara şertnamalarynyň kadalaryny özünde jemleýän ýarym ulgamlaýyn toplum hökmündäki häsiýeti onuň çeşmeleriniň iki taraplylygyny (gapma-garşylyklylygyny) öňünden kesgitleýär. Olar bolsa esasan hem, öz hukuk ulgamlarynda hukugyň esasy çeşmeleri hökmünde hemme ýerde (umumy) ykrar edilýän döwletleriň içki kanunçylyk aktlarydyr we

halkara şertnamalarydyr, şeýle hem milli we halkara-hukuk ýörelgeleridir.

Halkara şertnamalary we ýörelgeleri dürli döwletleriň milli-hukuk subýektleriniň arasyndaky gatnaşyklary gönüden-göni sazlaşdyrýan kadalaryň çeşmeleri hökmünde çykyş edip bilerler. Halkara şertnamalary we ýörelgeleri hatda bir ýurduň subýektleriniň hereketi degişli döwlet tarapyndan sanksirlenen halatynda hem kadalaryň çeşmeleri hökmünde ulanylyp bilner. (yzda seret.)

Haçan-da içki döwlet hukugy subýektleri fiziki ýa-da ýuridiki şahs bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny sazlaşdyrmak üçin halkara şertnamalarynyň düzgünlerini ulanmagy sanksirleýän halatlarynda, özüň ýerine ýetirilmeli we özüň ýerine ýetirilmeýän şertnamalar diýilýän mesele ýüze çykýar.

Özüň ýerine ýetirilmeli şertnamalaryň kadalary olaryň jikme-jik işlenilip düzülendiginiň we gutarnyklydygynyň hasabyna olaryň kadalaryny takyklamazdan we üstüni ýetirmezden gabat gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny sazlaşdyrmakda ulanylyp bilner. Milli konstitusiýalary halkara şertnamalaryny ýurduň hukuklarynyň bir

bölegidigini ýa-da hatda ondan hem ýokardadygyny jar edýän döwletleriň (ABŞ, Fransiýa, Germaniýa, Ispaniýa we ş.m.) tejribesi özi berjaý edilýän şertnamalar hökmünde dürli döwletleriň garamagynda bolan milli-hukuk subýektleriň arasyndaky gatnaşyklary sazlaýjy, ýagny HHH-yň çeşmeleri bolan şertnamalardygyny görkezýär.

Düzümine Beýik Britaniýany, ABŞ-ny, Kanadany, Awstraliýany, Täze Zelandiýany we beýleki birnäçe döwletleri girizmek mümkin bolan umumy hukuk (iňlissakson) ýurtlarynda halkara geleşikleri we milli kanunçylyk bilen birlikde kazyýet presedentlerini hem halkara hukuk çeşmelerine degişli edýärler. Olaryň astynda hukuk teoriýasynda adatça kazyýetleriň şol kazyýet edaralary üçin, şeýle hem aşaky kazyýet instansiýalary üçin, eger olar meňzeş işlere sereden halatynda hökmany bolan anyk bir iş boýunça çykaran kararlaryna düşünilýär. Beýik Britaniýa we ABŞ ýaly ýurtlarda kazyýet presedentleri hatda hukuk aktlaryndan (namalaryndan) hem artykmaçlyga eýedirler. Bu döwletlerde kanunlaryň düzgünleri we kanuna degişli aktlar kazyýet kararlary arkaly üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilinýär.

**Döwletleriň içki kanunçylygy**

Häzirki zaman dünýäsinde halkara döwletara däl hökümete degişli bolmadyk gatnaşyklary milli kanunçylygyň derejesinde sazlaşdyrmaga çemeleşmegiň iki sany esasy usuly bar. Olaryň ilkinjisi üçin halkara şahsy hukuk kadalarynyň köpsanly pudak kanunlarynda we içki hukugyň kanun esasyndaky aktlarynda (namalarynda) berkidilmegi mahsusdyr. Ikinji usulyň aýratynlygy döwlet tarapyndan HHH meseleleri boýunça ýörite kodifikasion kanunçylyk namalarynyň kabul edilmeginde jemlenýär.

Milli hukugynda HHH-yň kadalaryny kodifisirleýän ýörite hukuk namalary bolmadyk ýurtlaryň hataryna Fransiýany, Portugaliýany, Ispaniýany, Italiýany, Alžiri, Müsüri, Bolgariýany, Hytaýy, Mongoliýany we Ýaponiýany degişli etmek bolar. Bu döwletlerde halkara döwletara däl hökümete degişli bolmadyk gatnaşyklaryň sazlaşdyrylmagy raýat, raýat-prosessual, maşgala, zähmet, söwda kodeksleri, şeýle hem pudaklaýyn we toplumlaýyn kadalaryň aktlary esasynda amala aşyrylýar. Olaryň arasynda iň meşhury 1804-nji ýylda kabul edilen Fransuz raýat kodeksidir

(Napoleonyň kodeksi). Bu kodeks Ýewropanyň, Aziýanyň we Demirgazyk hem-de Günorta Amerikanyň köp ýurtlarynyň siwilizlenen kanunçylygynyň kemala gelmeginde we ösmeginde aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolupdy.

Içki döwlet kanunçylygynda halkara şahsy hukugy boýunça ýörite kanunlaryň işlenilip düzülmegi barha giň gerime eýe bolýar. Häzirki güne çenli ol kanunlar Awstriýada (1978 ý), Wengriýada (1979 ý), Polşada (1965 ý), Rumyniýada (1992 ý), Türkiýede (1982 ý), GFR-de (1986 ý), Şweýsariýada (1987 ý) we başga-da birnäçe ýurtlarda kabul edildi.

Däp bolşy ýaly, sazlaşdyrmaga bagyşlanan normatiw aktlar üç sany esasy bölümden ybarat bolýar: 1) HHH-yň umumy meseleleri (kwalifikasiýasy, kollizion kadalaryň ikitaraplaýynlygy, daşary ýurt hukugynyň mazmunyny we hereket ediş çäklerini kesgitlemek, yzyna ugratmak, HHH-yň subýektleriniň şahsy statusy we onuň üýtgedilmegi, hukuk gatnaşyklarynyň taraplarynyň erk özbaşdaklygynyň çäkleri); 2) raýat, maşgala we zähmet hukugy ulgamyndaky giň gerimli gatnaşyklaryň çäklerinde ýüze çykýan kollizion

meseleler; 3) halkara raýat prosesiniň meseleleri (kazyýetleriň we beýleki döwlet edaralarynyň daşary ýurt subýektleriniň gatnaşmagyndaky işlere garan we karar kabul eden halatyndaky ygtyýarlylygy, daşary ýurtlularyň proses wagtyndaky hukuk ýagdaýy, daşary ýurt arbitraž we kazyýet kararlarynyň we beýlekileriň ykrar edilmegi we ýerine ýetirilmegi).

**Halkara şertnamalary**

Halkara şertnamalary döwletleriň arasyndaky we halkara hukugynyň beýleki subýektleriniň arasyndaky olaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bar bolan dürli görnüşliligini birmeňzeş esasda sazlaşdyrmak maksady bilen erk-isleglerini ylalaşmaklary esasynda gazanylýan Ylalaşygyny aňladýar.

Häzirki zaman dünýäsinde dürli döwlet garamagyndaky subýektleriň gatnaşyklarynyň hukuk-düzgün taýdan sazlaşdyrylmagy indi diňe aýratyn ýurtlaryň milli kanunçylygynyň üsti bilen dagynyklygynyň we gapma-garşylyklylygynyň hasabyna zorluk bilen amala aşyrylyp bilinmez.

Bu işde unifisirlenen häsiýetli normatiw görkezmeleri özünde jemleýän halkara şertnamalaryna barha uly ähmiýet berilýär, bu görnüşli ylalaşyklaryň aýratynlygy bolsa ilkinjii nobatda, olar häkimiýet gurluşlarynyň-döwletleriň isleglerinin ylalaşylmagynyň netijesi bolmak bilen, gönüden-göni halkara döwletara däl hökümete degişli bolmadyk gatnaşyklaryň agzalarynyň (mysal üçin, şahsy we ýuridiki taraplaryň) dykgatyna gönükdirilendir. Şonuň üçin HHH-yň halkara-hukuk çeşmeleriniň aglabasy, döwletiň içki hukuk kararlary bilen deň hatarda anyk hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň ýuridiki hukuklarynyň we borçlarynyň gönüden-göni çeşmeleri hökmünde çykyş etmäge ukyplydyr.

Häzirki zaman halkara hukukdöredijiligi işiniň häsiýetli aýratynlygy, oňa halkara hökümetara guramalarynyň (HHAG) gatnaşmagynyň giňelmegidir.

Halkara şahsy hukuk ulgamynda ylalaşyklaryň taslamalaryny işläp düzmek bilen meşgullanýan ilkinji halkara guramalarynyň biri-de, Halkara hususy hukugy boýunça Gaaga konferensiýasy (HHHGK) bolup durýar. Onuň ilkinji ýygnagy Gaagada Niderlandlaryň hökümetiniň

başlangyjy boýunça 1893-nji ýylda geçirilipdi. Köp ýyllap bu guramanyň hereket etmegi üçin hemişelik esasy bolmandy we dürli döwletleriň teklibi esasynda wagtal-wagtal çagyrylypdy.

Netijede, 1951-nji ýyldan 1996-njy ýyla çenli HHHGK-nyň çarçuwalarynda 32 sany halkara ylalaşyklary kabul edildi.

HHH-yň halkara-hukuk kodifisirleme ulgamyndaky agramly işleri şeýle hem 1926-njy ýylda Rimde esaslandyrylan şahsy hukugyň unifisirlenmeginiň Halkara instituty alyp barýar. Onuň işine dünýä döwletleriniň 50-den gowragy, şol sanda Russiýa hem gatnaşýar. Institutyň maksady döwletleriň toparlarynyň ýa-da aýratyn ýurtlaryň şahsy hukugynyň sazlaşyk hem-de ylalaşyk ýollaryny öwrenmek, onuň birmeňzeş kadalaryny işläp düzmek bolup durýar.

Beýleki bir halkara institut edarasy bolan BMG-niň halkara söwdasy hukugy boýunça Komissiýasynyň (ÝUNSITRAL) işiniň maksatlarynyň biri-de, halkara söwdasynyň hukugy, kommersiýa arbitražy we hasaplaşyklary, halkara ýük daşamalary ( gatnawlary)

ulgamynda halkara konwensiýalarynyň hem-de umumy (bir görnüşli) kanunlaryň taslamalaryny işläp düzmek bolup durýar. Häzirki güne çenli bu gurama tarapyndan ady tutulan ugur boýunça birnäçe möhüm ähmiýetli halkara-hukuk resminamalary kabul edildi. Komissiýa BMG-niň Baş Assembleýasynyň 1966-njy ýylyň 17-nji dekabryndaky 2205 (XXI) belgili rezolýusiýasy esasynda döredildi. Onuň Assembleýa tarapyndan alty ýyllyk möhlet bilen saýlanylýan 36 sany agzasy bar. Komissiýa tarapyndan işlenilip düzülýän resminamalaryň taslamalary ýa-ha BMG-niň Baş Assembleýasy tarapyndan çagyrylýan konferensiýalarda ýa-da onuň plenar maslahatlarynda kabul edilýär.

Ýokarda görkezilen guramalar, şeýle hem birnäçe beýleki halkara guramalary tarapyndan işlenilip düzülýän halkara şertnamalary köptaraply (uniwersal) häsiýetlidir we giňden ulanylmaga niýetlenendir. Emma ol resminamalaryň ählumumy ykrar edilmegi we ýaýradylmagy üçin iňlissakson hem-de kontinental hukuk ulgamlarynyň eýesi bolan ýurtlarda halkara şahsy hukugyň taglymatyna hem-de tejribesine çapraz garaýyşlaryň saklanyp galmagy, şeýle hem dünýä döwletleriniň aglabasynyň öz milli-hukuk

kararlaryndan halkara şertnamalarynyň unifisirlenen kadalarynyň bähbidine ýüz öwürmek islemeýändikleri päsgel berýär.

Bu ýagdaý golaý ýyllarda HHH-yň kollizion hem-de maddy-hukuk kadalarynyň halkara derejesinde ählumumy kodifisirlenmegini gazanmak mümkinçiligini aradan aýyrýar. Şonuň üçin ýakyn geljekde bu ulgamdaky kadalaşdyryjy proses halkara şahsy hukugynyň aýratyn alnan dar ulgamlarynda hukuk görkezmeleriniň unifikasiýasynyň öň kesgitlenen ýoly boýunça össe gerek.

Bu ulgamlaryň birine bolsa däp boýunça **daşarky söwda işi we halkara hasaplaşyklaryny** hukuk taýdan sazlaşdyrmagyň meseleleri girýär. Bu ulgamda eýýäm hereket edýän halkara şertnamalarynyň hataryna:

*BMG-niň 1980-nji ýylda Harytlaryň halkara alyş-berşi boýunça Wena konwensiýasyny (ÝUNSITRAL tarapyndan işlenilip düzüldi.), 1998-nji ýylyň 25-nji maýynda Russiýany hem goşmak bilen, konwensiýa 51 sany döwlet gatnaşdy. Görkezilen resminama halkara haryt alyş-berşi boýunça şertnamalary baglaşmagyň tertibini sazlaýar,

şeýle hem satyjynyň we satyn alyjynyň şertnamadan gelip çykýan hukuklaryny hem-de borçlaryny kesgitleýär;

* 1974-nji ýylda kabul edilen halkara haryt alyş-berşi boýunça şikaýat müddeti barada konwensiýasy we oňa 1980-nji ýyldaky Goşmaça protokol (teswirnama). ÝUNSITRAL tarapyndan işlenilip düzüldi. 1998-nji ýylyň 25-nji maýynda konwensiýa (protokol tarapyndan girizilen düzedişler hasaba alynmanda) Russiýany hem goşmak bilen döwletleriň 25-si gatnaşýardy.

Halkara haryt alyş-berişligi barada şertnamadan gelip çykýan satyjynyň we alyjynyň bir-birege talap bildirmegi üçin şikaýat müddetiniň ýeke-täk möhletini kesgitleýär. Konwensiýa şeýle hem, şikaýat müddetiniň möhletiniň hasaplama başlangyjy, arakesme, uzaldylma we üýtgedilme pursatlaryna degişli hem-de onuň möhletiniň geçmeginiň netijeleri bilen bagly kadalary özünde jemleýär.

Häzirki wagtda halkara hasaplaşyklary ulgamynda iň möhüm resminamalar hökmünde Ženewa konwensiýalarynyň üçüsini görkezmek bolar, olar: 1930-njy ýylyň 7-nji iýunynda kabul edilen weksellere dahylly bolan hukugyň unifikasiýasy barada Ženewa konwensiýasy we

çeklere dahylly hukugyň unifikasiýasy barada 1931-nji ýylyň 19-njy martynda Żenewada gol çekilen soňky konwensiýalardyr. Olaryň düzgünleri Ýewropa ýurtlarynyň aglabasy (Russiýa diňe wekseller boýunça konwensiýalara goşulypdy), Braziliýa we Ýaponiýa tarapyndan kabul edilipdi. Hukugyň iňlis-sakson ulgamynyň ýurtlary bu şertnamalara gatnaşmaýarlar. Şeýle ýagdaýy aradan aýyrmak üçin ÝUNSITRAL BMG-niň Baş Assembleýasy tarapyndan 1988-nji ýylyň 9-njy dekabrynda makullanan halkara hasaplaşyk we halkara ýönekeý wekseller barada täze Konwensiýanyň taslamasyny taýýarlady.

Ulag, ýük we ýolagçy gatnatmak ulgamy boýunça halkara şertnamalarynyň ep-esli sanysy baglaşyldy. Olaryň hatarynda iň ähmiýetlileri hökmünde 1924-nji ýylda kabul edilen konosament (deňiz üsti bilen iberilýän ýüküň kabul ediliş resminamasy) boýunça birnäçe düzgünleri unifisirlemek barada Halkara konwensiýasyny, Brýusell şäherinde 1968 we 1979-njy ýyllarda kabul edilen oňa girizilen protokollary; 1929-njy ýylda kabul edilen halkara howa gämileri bilen ýük daşamaga degişli bolan birnäçe düzgünleri unifisirleme barada Warşawa konwensiýasyny, 1955-nji ýylda kabul edilen goşmaça protokoly; 1956-njy

ýylda kabul edilen halkara awtoulag transporty bilen ýük daşamaklygyň halkara şertnamasy barada Konwensiýany; 1950-nji ýylda kabul edilen göni halkara demir ýol gatnawlary boýunça ýolagçy we goşlary daşamak barada Ylalaşygy; 1951-nji ýylda kabul edilen halkara ýük daşamak boýunça Ylalaşygy; 1978-nji ýylda kabul edilen BMG-niň deňiz ýollary boýunça ýük daşamak barada Konwensiýasy (Gamburg düzgünleri); 1980-nji ýylda kabul edilen halkara demir ýollary boýunça ýük, ýolagçy we goşlary daşamak barada Konwensiýany; 1980-nji ýylda kabul edilen BMG-niň halkara garyşyk ýük gatnawy ýollary barada Konwensiýasyny görkezmek bolar.

HHH-yň predmetini düzýän meseleleri sazlaşdyrmaga bagyşlanan birnäçe möhüm halkara şertnamalary Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) çäklerinde hem kabul edildi. Olaryň hatarynda 1992-nji ýylyň 20-nji martynda kabul edilen hojalyk işini alyp barmak bilen baglanyşykly jedelleri çözmegiň tertibi baradaky Ylalaşygy; 1992-nji ýylyň 20-nji martynda kabul edilen GDA agza döwletleriň guramalarynyň arasynda haryt daşamagyň umumy şertleri barada Ylalaşygy; 1993-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda kabul edilen raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk

kömegi we hukuk gatnaşyklary barada Konwensiýany; 1993-nji ýylyň 12-nji martynda kabul edilen senagat eýeçiligini goramagyň çäreleri we senagat eýeçiligini goramagyň meseleleri boýunça Döwletara geňeşi döretmek barada Ylalaşygy; 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda kabul edilen Ykdysady bileleşigi döretmek barada Ylalaşygy; 1994-nji ýylyň 6-njy iýulynda kabul edilen GDA-nyň Ykdysady kazyýetiniň statusy barada Ylalaşygy; 1997-nji ýylyň 28-nji martynda kabul edilen maýa goýumçylaryň hukuklaryny goramak barada Konwensiýany we beýlekileri görkezmek bolar.

HHH-yň halkara-hukuk çeşmeleriniň möhüm gatlagyny **ikitaraplaýyn şertnamalar** düzýär. Olaryň köptaraplaýyn şertnamalardan artykmaçlygy, ilkinji nobatda taraplaryň gyzyklanma bildirýän meselelerini ylalaşyklaryň namasynda (tekstinde) iň oňat derejede sazlaşdyrmak mümkinçiliginde jemlenýär, ýetmezçiligi - döwletleriň şol bir ulgamdaky iki taraplaýyn gatnaşyklarynyň hukuk sazlaşdyrylmagynyň differensirlenen tertibini döretmek kynçylygynda jemlenýär. Teoretiki taýdan şeýle şertnamalar HHH-yň islendik meseleleri boýunça baglaşylyp bilner we hem kollizion, hem-de maddy-hukuk

kadalaryny özünde jemläp ýa-da toplumlaýyn häsiýetde bolup biler

**Hukuk kömegini bermek boýunça şertnamalar**

Hukuk kömegini bermek barada şertnamalaryň esasy maksady - bir döwletiň raýatlarynyň beýleki bir döwletiň çägindäki emläk, hususy emläge degişli bolmadyk we prosessual hukuklarynyň ikitaraplaýyn berjaý edilmeginiň we ykrar edilmeginiň üpjün edilmeginde jemlenýär.

Hukuk kömegi baradaky ylalaşyklaryň agramly bölegi şeýle hem dürli döwletleriň raýat, maşgala ýa-da jenaýat hukugy ulgamlarynda ýustisiýa edaralarynyň hyzmatdaşlygynyň görnüşlerini, ugurlaryny we usullaryny, şeýle hem bu edaralaryň aktlarynyň özara ykrar edilmegini üpjün edýän kesgitleýji kadalaryň toplumyny öz içine alýar.

HHH-yň halkara-hukuk çeşmeleriniň ulgamynda **söwda şertnamalary** (söwda barada, söwda we ykdysady hyzmatdaşlyk barada, söwda we ykdysady gatnaşyklar barada, söwda we suwda ýüzmek barada we ş.m.) möhüm ähmiýete eýedir. Olarda, düzgün bolşy ýaly, umumy hukuk tertibi kesgitlenilýär, onuň esasynda taraplaryň we olaryň subýektleriniň biri-biri bilen özara telekeçilik gatnaşyklary

amala aşyrylýar, bir tarapyň ýuridiki we fiziki şahslarynyň beýleki tarapyň çägindäki hukuk statusy kesgitlenilýär, söwda jedellerini çözmegiň tertibi baradaky düzgünler ýerleşdirilýär.

Halkara hususy hukugynyň çeşmeleri bolup durýan ikitaraplaýyn şertnamalaryň beýleki dürligörnüşliliginiň hatarynda awtorlyk hukuklaryny we senagat eýeçiligini goramak baradaky ylalaşygy, awtoulag, howa we deňiz gatnawlary pudagy boýunça ylalaşygy, halkara raýat prosesiniň meseleleri barada ylalaşygy we beýlekileri görkezmek bolar.

Bu meseläniň ahyrynda HHH-yň çeşmeleri bolmadyk, emma onuň predmetini düzýän gatnaşyklara möhüm täsir edýän ikitaraplaýyn halkara-hukuk resminamalary barada durup geçmek zerurdyr. Olaryň hatarynda konsullyk konwensiýalary we ikitaraplaýyn salgyt salmagy ýatyrmak baradaky şertnamalar aýratyn orun eýeleýär. Birinjileri, şol sanda konsullyk edaralarynyň öz fiziki we ýuridiki şahslaryny bellemekdäki, şeýle hem olaryň daşary döwletiň resmi edaralaryndaky hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, şol sanda raýat-hukuk häsiýetli meselelerini çözmek bilen

bagly wekilçiligini kesgitleýär. Ikinjileriň esasy maksady bolsa, halkara ykdysady gatnaşyklaryň agzalary bolan döwletleriň gatnaşyjy-ýurtlaryň salgyt edaralary bilen özara aragatnaşygyny tertipleşdirmek, salgyt tölegleriniň möçberini azaltmak, käbir halatda bolsa aýratyn derejedäki fiziki ýa-da ýuridiki şahslaryň töleglerden doly boşadylmagyny gazanmak bolup durýar.

**Kazyýet presedentleri**

Presedent hukugy kazyýet edaralarynyň kararlarynda kesgitlenen kadalaryň jemini aňladýar.

Häzirki döwürde presedent hukugy öz döwründe Britan imperiýasynyň düzümine giren ýurtlarda has-da giňden ýaýrandyr. Olaryň hatarynda Beýik Britaniýany, ABŞ-ny, Awstraliýany, Täze Zelandiýany, Kanadany görkezmek bolar. Bu agzalan we beýleki birnäçe döwletler bu gün „hukugyň iňlis-sakson ulgamy“ diýlip at berlen ýurtlaryň toparyny düzýärler.

Taryhy nukdaýnazardan presedent hukugy **umumy hukugyň (common law)** we **adalatlylyk hukugynyň (law of eguity)** jemi hökmünde ösüp başlady. Bu düşünjeleriň arasyndaky tapawut ilkinji gezek mundan 600 ýyl çemesi öň

adyl kazyýetliligi amala aşyrmak babatda öz aýratyn çemeleşmesi bolan iki sany dürli görnüşli esasy kazyýet edarasy bolan orta asyr Angliýasynda hasaba alyndy. Eger adalatlylyk hukugy kazyýetleri garalýan işiň hakyky ýagdaýyna baha bermäge çeýe hem-de döredijilikli çemeleşýändigi bilen tapawutlanan bolsa, onda umumy hukugyň kazyýetlerine jedelleri çözmegiň we kararlary çykarmagyň düzgünine konserwatiw we däp boýunça çemeleşmek mahsusdy. Şonuň üçin şol döwürde hut adalatlylyk kazyýetlerinde umumy hukuga mälim bolmadyk ynanç emlägi (trust), geleşik borçlaryny hakykatda ýerine ýetirmäge mejbur etmek instituty (specific performance) we beýleki siwilizlenen institutlar işlenilip düzüldi.

Şonuň üçin hut umumy hukuk bu gün taglymatda kazyýet presedentleri hukugy ýa-da presedent hukugy diýlip atlandyrylýan mazmuny düzýär.

Presedent hukugynyň düýp manysyna göz ýetirmek üçin iňlis-sakson ulgamy ýurtlarynda **stare decisis, ratio decidenti** we **dictum** diýen latyn adalgalary boýunça mälim bolan üç sany derejäniň mazmunyny aýdyňlaşdyrmak möhümdir.

**Stare decisis** (sözme-söz: kabul edilen karara eýermek)- kazyýet edarasy tarapyndan çykarylan kararyň esaslanýan bu ýörelgesi şol bir kazyýetiň ýa-da aşaky instansiýadaky ugurdaş ýurisdiksiýanyň kazyýeti tarapyndan birmeňzeş iş boýunça karar çykaran halatynda hökmany goldanylmaly ýörelgedir.

Mysal üçin, ABŞ-da haýsydyr bir ştatyň ilkinji kazyýeti tarapyndan kabul edilen karar şol ýa-da beýleki ştatyň birmeňzeş ýurisdiksiýasyndaky kazyýetler ýa-da apellýasion (şikaýat) kazyýetler üçin däl-de, diňe şol kazyýetiň geljekki kararlary üçin hukuk kadalaryny döredip biler. Şol bir wagtda ABŞ-nyň Ýokary kazyýetiniň kararlary bu ýurduň ähli kazyýet edaralary üçin hökmany bolup biler.Presedent hukugyny ulanýan edaralar degişli kazyýetiň ähli kararlaryny hasaba alman, eýsem onuň çykaran kararynyň esaslanan berk hukuk düzgünleriniň kesgitli bölegini hasaba alýarlar.

Hut şol kesgitli bölek hem taglymatda **ratio decidenti** diýen adalga astynda bellenilýär. Öz nobatynda **dictum ýa-da obiter dictum** kazyýetiň kararynda öz şöhlelenmesini

tapan, ýöne kararyň hukuk esasyny düzmeýän beýannamalary, bellikleri, duýduryşlary aňladýar.

Kazyýetiň kararyny düzüjiler hökmünde bu